# Türkmençilik barada düşünje

Category: Ertekiler,Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Türkmençilik barada düşünje

TÜRKMENÇILIK BARADA DÜŞÜNJE

“Türkmençilik” diýen düşünje, türkmen halkynyň asyrlaryň dowamynda nesilden-nesle geçirip, sünnäläp gelen däp-dessurlaryny, dini, ahlak ynançlaryny, dünýä, şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň özara gatnaşygyna bolan garaýyşlarynyň jemini öz içine alýar. Başgaça aýdylanda, türkmençilik – bu türkmen halkynyň milli özboluşlylygyny emele getirýän häsiýetli alamatlaryň tutuş jemidir ýa-da edebiýatlarda bellenilişi ýaly: “Türkmençilik – gadymy türkmen adatyna eýerijilik, däp tutujylyk” bolup durýar.
Her bir halkda bolşy ýaly, türkmen halkynyň hem diňe özüne mahsus, ýagny, özge halklaryňka çalym etmeýän özboluşly dünýägaraýşy bar. Türkmençiligiň – türkmen halkynyň milli özboluşlylygynyň esasy düzüm bölekleri hökmünde şu aşakdakylary görkezmek bolar:
• Däp-dessurlar – bu adamlaryň uzak wagtyň dowamynda gaýtalap berjaý etmekleriniň netijesinde birmeňzeş ýagdaýlarda hemmeler tarapyndan birmeňzeş we adaty ýerine ýerine ýetirilýän endige öwrülen özüňi alyp baryş düzgünleridir;
• Ahlak garaýyşlary – bu jemgyýetçilik gatnaşyklarynda adamyň özüni alyp barmagyny düzgünleşdirmegiň jemgyýetçilik tarapyndan döredilen we ykrar edilen kadalaryny, adamlaryň ýagşylyk-ýamanlyk, zulum hem rehimdarlyk, halal-haram, adalat, mertebe, ar-namys we ş.m. baradaky garaýyşlarynyň jeminden emele gelen, şonuň ýaly-da adamlaryň we olaryň birleşikleriniň hereketlerine baha bermek üçin umumy ykrar edilen ölçegler hökmünde hyzmat edýän hem-de jemgyýetçilik aňynyň bir görnüşi bolan ruhy-emosional ýörelgelerdir. Edebiýatlarda bellenilişi ýaly: “Ahlak arap sözi bolup, “hulk” sözüniň köplük sandaky aýdylyşydyr. “Hulk” sözi ruhy, wyždany, kalby we zehini bilen

baglanyşykly ruhy tarapyny aňladýar. Şonuň ýaly-da “hulk” sözi başga manyda ynsanyň daşky keşbi, şekili bilen baglanyşykly maddy gurluşyny hem aňladýar”;

• Dini ynançlar (dini dessurlar, kadalar) – bu, dine uýýanlar tarapyndan hökmany ýerine ýetirilmäge degişli, şol dine uýmagyň ýörelgeleri hem düzgünleridir;

• Edep-terbiýe kadalary – gönüden-göni şahsyýeti terbiýelemeklige, ýagny onuň jemgyýetiň medeniýetini, gymmatlyklaryny we beýleki durmuşy (sosial) kadalaryny özleşdirmegini üpjün etmeklige gönükdirilen düzgünlerdir. Başgaça aýdylanda, edep-terbiýe bu her bir adamyň zannynda bar bolan oňat taraplaryny onuň ýagşy gylygyna we oňat endigine öwürmäge gönükdirilen, ata-enesiniň, mekdebiň, kärdeşleriniň, ýoldaşlarynyň we ş.m. üsti bilen jemgyýetiň şahsyýete oňyn täsir etmegi üçin niýetlenen serişdelerdir.

Türkmençilikde görkezilen düzüm bölekleriniň ählisi biri-biri bilen berk arabaglanyşykda durup, utgaşykly hereket etmek bilen, her bir şahsyýetiň jemgyýetde özüni nähili alyp barmalydygyny, adamyň, jemgyýetiň we döwletiň özara sazlaşykly durmuşyny üpjün etmek üçin dürli durmuşy ýagdaýlarda haýsy däp-dessurlara, haýsy ahlak kadalaryna eýerilmelidigini kesgitleýärler. Adam özünden uly bilen nähili salamlaşmaly, kiçi bilen nähili gepleşmeli, aýal maşgalalar bilen görüşmegiň edebi, toýda-ýasda, resmi kabul edişlikde özüni nähili alyp barmaly, durmuşda özgeler bilen gatnaşygyny nähili tertipde ýola goýmaly we ş.m. gatnaşyklaryň ählisi türkmençiligiň mazmunyny düzýän kadalar, ýörelgeler, garaýyşlar, ynançlar hem adatlar bilen düzgünleşdirilýärler. Elbetde, türkmençilik nähilidir bir bütewi “kodeks” hökmünde, belli bir resminamada tutuşlygyna we tertipli yzygiderlilikde ýazylmadyk bolsa-da, ol türkmen halkynyň hakydasynda dolulygyna, mäkäm saklanyp, biziň jemgyýetimiziň her bir agzasynyň özüni alyp barşyna, dünýägaraýşynyň emele gelmegine düýpli täsir edip gelýär.

Galyberse-de, türkmençiligiň düzüm gurluşyny emele getirýän ýörelgeleriň aglaba köpüsi, halk döredijiliginiň nakyllar, ertekiler, rowaýatlar, dessanlar, şygyrlar, hüwdiler, läleler ýaly görnüşlerinde beýan edilýärler. Şonuň bilen birlikde-de,

türkmen halkynyň milli özboluşlylygynyň özenini düzýän gymmatlyklar, milli edebiýatyň Ýunus Emre, Döwletmämmet Azady, Magtymguly Pyragy, Gurbandurdy Zelili, Seýitnazar Seýdi, Mollanepes, Mämmetweli Kemine, Nurmuhammet Andalyp, Abdylla Şabende, Misgingylyç, Mahmyt Gaýyby, Gurbanaly Magrupy, Şeýdaýy, Annagylyç Mätäji, Abdyrahym Zynhary, Myrat Talyby, Abdysetdar Kazy, Berdi Kerbabaýew, Aman Kekilow, Şaly Kekilow, Berdinazar Hudaýnazarow, Kerim Gurbannepesow, Halyl Kulyýew, Mämmet Seýidow, Nurmyrat Saryhanow, Gurbannazar Ezizow, Agahan Durdyýew, Hajy Ysmaýylow, Nurberdi Pomma, Annaberdi Agabaýew, Nargylyç Hojageldiýew, Orazguly Annaýew, Kömek Kulyýew, Atamyrat Atabaýew ýaly ençeme görnükli wekilleriniň döredijiliginde, esasan hem Türkmenistanyň Prezidenti Gurbanguly Berdimuhamedowyň “Älem içre at gezer” atly, mugallymyň jemgyýetiň hem şahsyýetiň kämil utgaşygyny ýola goýýan deňsiz-taýsyz zähmetiniň düýp mazmunyny hakdan içen zehinlilik bilen açyp görkezýän eserinde, ýatdan çykmajak, gaýtalanmajak çeper ussatlyk bilen şekillendirilýärler. Halk döredijiliginde, milli edebiýatda we sungatda beýan edilen hem-de türkmen halkynyň taryhy hakydasynda aýap saklanýan gymmatlyklaryň ulgamy bolan türkmençilik, biziň jemgyýetimizde her bir şahsyýetiň kemala gelmeginiň gözbaşy bolup durýar.

Türkmençilik çagalykda enesiniň süýdi bilen jemgyýetiň her bir agzasynyň ganyna siňýär. Soňra maşgalada öz ata-enesiniň, doganlarynyň görüm-göreldesi, öwüt-ündewi, edep-terbiýesi bilen onuň hereketlerinde özleşýär. Ondan soň çagalar bagynda, mekdepde, soňra möhletli harby gullukda, ýokary okuw mekdebinde, zähmet çekýän edarasynda (kärhanasynda, guramasynda), ýaşaýan jemgyýetinde, Türkmenistanyň her bir raýaty birek-birege sylag-hormatyň, jemgyýetiň mynasyp agzasy bolmagyň, daş-töweregindäki adamlara, olaryň zähmetine, hereket edýän kanunçylyga, umumy ykrar edilen ahlak ýörelgelerine, däp-dessurlara hormat goýmagyň nämedigine has berk, has çuňňur, has anyk göz ýetirýär. Şeýle ýagdaýda-da, ençeme ýyllaryň dowamynda türkmençilik, şahsyýetiň tutuş durkuna, tebigatyna ornaşýar. Onsoň, onuň özi hem kaka, aga, dost, kärdeş, halypa we ş.m. hökmünde, türkmençiligi

jemgyýetiň indiki ýetişip gelýän agzasynyň zannyna ornaşdyrmak işine ýardam bermäge girişýär. Şu yzy üzülmeýän baglanyşygyň netijesinde-de, türkmençilik, nesillerden-nesillere geçip, dowamat-dowam bolup, nesilleriň ýörelgesine öwrülýär.

*****

Özüňden uly bolsun, kiçi bolsun, “sen” ýa-da “siz” diýip ýüzlenmek meselesinde, meniň özüm-ä asylam, adamlara “sen” diýip ýüzlenmegiň tarapdary. Sebäbi kimdir birine köplük sanda “sen” diýip ýüzlenmek, elbetde oňa goýulýan hormaty hem aňlatsa aňladýandyr welin, men-ä bu ýüzlenmäni manysyz diýip hasaplaýaryn. Sebäbi bu endik asylam türkmeniň endigi däl. Türkmenlerde hemme kişä-de “sen” diýlip ýüz tutulýar. Hatda Allatagalada. Bu edähetem türkmenleriň gödekligini ýa-da özüňi alyp barmagyň medeniýetiniň pesligini aňlatmaýar. Gaýta, halkymyzyň gadymy döwürlerdenem sadalygyny we bire bir ikä-de iki diýmäge endik eden gönümelligini aňladýar. Ýöne, etjek alajyň ýok, jemgyýetde özüňe nätanyş ýa-da özüňden ýaşy uly adama “siz” diýip ýüzlenmek medeniýetli bolmagyň etalony diýlip ykrar edilse, her bir adamam biygtyýar şol etalona laýyk bolmaga ymtylýar.

Onsoňam taryhy maglumatlara görä, keseki adama “siz” diýip ýüzlenmegiň, oňa goýulýan hormatyň ekwiwalentine öwrülmeginiň düýp sebäbi, ir döwürler taýpalaryň serdarlary, soň halkyň hanlary, hökümdarlary, özleriniň diňe ýeke-täk öz atlaryndan däl-de, tutuş halkyň adyndan gepleýändiklerini anyk düşündirmek üçin, “men” däl-de “biz” diýip gürläpdirler. Olara ýüzlenýän adamam, hökümdaryň ýeke özüne däl-de, onuň üsti bilen onuň dolandyrýan tutuş halkyna ýüzlendýändigini görkezmek üçin, “sen” däl-de “siz” diýip gepläpdir. Soň bolsa, döwrüň geçmegi bilen, uşak-düşek begjagazlardyr-baýjagazlar hem, özleriniň öz hökümdarlaryna ýakyndyklaryny, beýleki adamlardan (gara budundan) ýokarda durýandyklarynyň aşagyny çyzyp beýan etmek üçin, “biz” diýip gepläp, öz hyzmatkärleridir-gullaryna-da özlerine “siz” diýip ýüzlenmäge mejbur edip başlapdyrlar. Uzagyndan bu öýkünjeňlik tutuş halk köpçüliginiň arasynda-da giňden ornaşypdyr.

Edebiýatlar:

Түркмен дилиниң сөзлүги. М.Я. Хамзаевиң умумы редакциясы билен. А.: Түркменистан ССР Ылымлар академиясының неширяты, 1962. 666 с.
Türkmeniň gadymdan gelýän milli dini adatlary. Türkmenistanyň müftüsiniň müdirýeti. – A.: TDNG, 2006. 32 s.

Publisistika